# HAZAR DEŇZINIŇ DEŇIZ GURŞAWYNY GORAMAK BOÝUNÇA ÇÄKLENDIRIJI KONWESIÝA DEGIŞLI HAZAR DEŇZINI ÝERÜSTI ÇEŞMELERDEN WE GURY ÝERDE EDILÝÄN IŞIŇ NETIJESINDE HAPALANMAGYNDAN GORAMAK BOÝUNÇA TESWIRNAMA

***Giriş***

Hazarýaka döwletleri:
Azerbaýjan Respublikasy,
Eýran Yslam Respublikasy,
Gazagystan Respublikasy,
Russiýa Federasiýasy,
Türkmenistan,
mundan beýläk şu Teswirnamanyň Şertleşýän Taraplary diýlip atlandyrylyp,

2003-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça Tähranda, Eýran Yslam Respublikasy, kabul edilen Çäklendiriji (Çarçuwaly) konwensiýanyň Taraplary bolup,

Konwensiýany we, hususan-da, onuň 7-nji we 11-nji maddalarynyň 1-nji bendini ýerine ýetirmek hyjuwy bilen joşup,

2008-nji ýylyň 12-nji noýabrynda Tähranda, Eýran Yslam Respublikasynda, kabul edilen Hazar deňzi boýunça Hereketleriň Baş ugur maksatnamasynyň degişli düzgünlerine üns berip,

dünýäde iň iri içerki suw ýatagy hökmünde Hazar deňziniň ekologik we gidrologik häsiýetnamalarynyň deňsiz-taýsyzdygyny ykrar edip,

deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hem aýalyp saklanylmagyny we şunlukda adalatly esasda häzirki we geljekki nesilleriň talaplaryny kanagatlandyryp, ösüşiň aýrylmaz düzüm bölegi hökmünde Hazar deňziniň tebigy baýlyklarynyň durnukly peýdalanylmagynyň üpjün edilmegini isläp,

ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde edilýän işleriň netijesinde hapalanmagyň deňziň gurşawy we kenarýaka etraplary, biologik baýlyklar we adamlaryň saglygy üçin döredýän uly howpuna akyl ýetirip,

hususan-da, deňziň derejesiniň üýtgemelerinden döreýän ekologik meseleleri nazara alyp,

1995-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Waşingtonda, Kolumbiýa okrugy, gury ýerde edilýän iş netijesinde hapalanmakdan deňiz gurşawyny goramak boýunça kabul edilen Hereketleriň Global maksatnamasynyň Hazarýaka döwletleri üçin möhümdigini belläp,

*Aşakdakylar barada ŞERTLEŞDILER:*

### *1-nji madda. Teswirnamanyň maksady*

Şu Teswirnamanyň maksady Hazar deňziniň ekologiýa taýdan sagdyn deňiz gurşawyny gazanmak we saklamak üçin, ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde

edilýän işleriň netijesinden hapalanmagyň öňüni almakdyr, ony peseltmekdir, oňa gözegçilik etmek we mümkin bolan derejede hapalanmany ýok etmekdir.

***2-nji madda. Adalgalary ulanmak***

Şu Teswirnamanyň maksatlary uçin:

a) „Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy“ Konwensiýanyň 22-nji maddasynda görkezilen organy aňladýar;

b) „Kätiplik“ Konwensiýanyň 23-nji maddasynda görkezilen organy aňladýar;

c) „Bar bolan iň oňat tehnologiýalar (BIOT)“ adalgasy zyňyndylary we galyndylary çäklendirmek üçin anyk çäreleriň amaly taýdan ýaramlylygyny görkezýän iň häzirki zaman (öňdebaryjy) tehnologiýalary, enjamlary ýa-da iş usullaryny aňladýar;

"Tehnologiýalar" öz içine ulanylýan tehnologiýalaryň özüni, şeýle hem önümçilik abzallaryny taslamalaşdyrmaga, gurmaga, olara hyzmat etmäge, olary işletmäge we sökmäge kömek edýän tärleri we usullary alýar.

d) „Iň oňat tebigaty goraýyş tejribesi (IOTGT)“ daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik etmek ulgamynda çäreleriň we strategiýalaryň has maksadalaýyk derejede utgaşdyrylyp ulanylmagyny aňladýar;

e) „Kenarýaka etrap“ kenaryň çägi bilen araçäkleşýän we deňziň golaýlygynyň we deňziň derejesiniň üýtgemeleriniň täsiri astynda ýerleşýän gury ýeriň zolagyny aňladýar;

f) „Gyzgyn nokat“ çakdanaşa hapalanmaga sezewar edilen we adamlaryň saglygyna, ekoulgamlara ýa-da tebigy baýlyklara, şonuň ýaly-da ykdysady taýdan ähmiýetli gurluşlara hakyky ýa-da mümkin bolan oňaýsyz täsiriň öňüni almak maksady bilen ilkinji nobatda üns berilmegini talap edýän gury ýeriň meýdany boýunça çäklendirilen we bölünip aýrylmagy mümkin bolan bölegi, ýerüsti suwlaryň bölegi ýa-da belli bir suwly gatlagy aňladýar;

g) „Ýerüsti çeşmelerden hapalanmak“ deňiz gurşawyna suw ýoly bilen, atmosfera howasy arkaly ýa-da gönüden-göni kenardan, gury ýerde ýerleşýän nokat şekilli we aýratynlykda ýerleşen çeşmeleriň ähli görnüşlerinden deňiz gurşawynyň hapalanmagy aňladýar;

h) „Nokat şekilli çeşmeler“ gury ýerde ýerleşýän, zyňyndylary daşamanyň ol ýa-da beýleki tapawutlandyryp bolýan, çäklendirilen we aýry-aýry serişdeleri, hususan-da, turbalar, suwy çykaryp goýberijiler, akabalar, ýaplar, tunneller, turba geçirijiler ýa-da guýylar arkaly daşky gurşawa düşýän, özünden hapalaýjy maddalary zyňýan ýa-da zyňyp bilinjek hapalaýjy çeşmeleri aňladýar;

i) „Aýratyn ýerleşen çeşmeler“ nokat şekilli çeşmelerden tapawutlanýan, drenirlenmek, syzylmak ýa-da gidrologik üýtgemeler ýa-da ýaşaýyş ýerleriniň bozulmagy netijesinde ýerüsti akymlar, ygallar, atmosfera çökündileri arkaly düzümindäki maddalar daşky gurşawa aralaşýan gury ýerde ýerleşýän hapalaýjy çeşmeleri aňladýar;

j) „Zyňyndylar“ hapalaýjy maddalaryň suwa, atmosfera howasyna ýa-da topraga zyňylmagynyň, akdyrylmagynyň ýa-da çykarylmagynyň islendik görnüşini aňladýar;

k) „Zyňyndylary sazlaşdyrmak“ zyňyndylaryň aňryçäk möçberini bellemek, ýa-da zyňyndylaryň täsirleri, häsiýeti ýa-da beýleki häsiýetnamalary babatda başga görnüşde çäklendirmeleri ýa-da şertleri, ýa-da zyňyndylara täsir edýän ulanyş şertlerini kesgitlemek ýaly zyňyndylaryň ýörite çäklendirilmegini talap edýän sazlaşdyryş çärelerini aňladýar;

l) „Zyňyndylaryň aňryçäk möçberi“ haýsy hem bolsa bir ýa-da birnäçe wagt döwrüniň dowamynda artdyrylyp bilinmeýän, anyk häsiýetlendiriji ölçeglerde görkezilýän zyňyndylaryň massasyny, toplanmasyny ýa-da derejesini aňladýar. Zyňyndylaryň aňryçäk möçberi, adatça, garyşmany hasaba almazdan, zyňyndylaryň enjamdan çykýan nokady üçin ulanylýar;

m) „Hiliň ekologik ülňüsi (HEÜ)“ adamlaryň saglygyny we daşky gurşawy goramagyň maksatlary üçin artdyrylmagy mümkin bolmadyk, belli bir maddanyň ýa-da maddalar toplumynyň suwdaky, çökündilerdäki ýa-da biotadaky toplanmasyny aňladýar;

n) „Daşky gurşawyň hiliniň maksatlaýyn görkezijisi (DGHMG)“ daşky gurşawyň haýsy hem bolsa bir anyk düzüm bölegi, meselem derýa, plýaž ýa-da senagat desgasy babatda gazanylmaly bolan, daşky gurşawyň hiliniň islenilýän maksatlaýyn derejesini kesgitleýän wezipäni aňladýar.

### *3-nji madda. Ulanyş çygry*

Konwensiýanyň 3-nji maddasyna we şu Teswirnamanyň 1-nji maddasyna laýyklykda şu Teswirnama aşakdakylar babatda ulanylýar:

a) Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we/ýa-da kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edýän ýa-da täsir edip biljek ýerüsti nokat şekilli we aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerden çykýan hapalaýjy maddalaryň zyňyndylary. Bu zyňyndylara beýleki ýollar bilen bir hatarda derýalaryň guýýan ýerleriniň, kanallaryň ýa-da beýleki suw akabalarynyň, ýerasty akymlaryň, zyňyndylaryň taşlanýan kenarýaka ýerleriniň we suw akdyryjylaryň, şol sanda gury ýerde we deňziň düýbünde ýerleşýänleriniň hem-de ýerüsti akymlaryň üsti bilen deňiz gurşawyna, şol sanda şorumtyk suwlara, daşgynda suw basýan zolaklara we ýalpak aýlaglara düşýän zyňyndylar degişli;

b) şu Teswirnama III goşundyda kesgitlenen şertlerde ýerüsti çeşmelerden Hazar deňziniň deňiz gurşawyna atmosfera howasyndan geçýän hapalaýjy maddalaryň gelip düşmeleri; we

ç) Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we/ýa-da kenarýaka etraplaryna täsir edýän iş görnüşleriniň netijesine ýüze çykýan hapalanmalara, şol sanda kenar çäginiň tebigy ýagdaýynyň fiziki taýdan üýtgemegi, landşaftyň ýa-da ýaşaýyş ýerleriniň üýtgemegi we bozulmagy netijesinde ýüze çykýan hapalanmalara.

### *4-nji madda. Umumy borçnamalar*

1. Şertleşýän taraplar Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hapalanmagynyň we olara beýleki ýaramaz täsirleriň öňüni almak, olara gözegçilik etmek, olary peseltmek we mümkin bolan derejede ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri özbaşdak ýa-da bilelikde görýärler.

2. Şertleşýän Taraplar, hususan-da:

a) seresaplylyk ýörelgesini ulanýarlar, bu ýörelgä laýyklykda deňiz gurşawyna ýa-da ilatyň saglygyna düýpli we öwezini dolup bolmajak zelel ýetmek howpy abananda, ylmy taýdan doly ynamyň ýoklugy şeýle zeleliň öňüni almak boýunça ykdysady taýdan netijeli çäreleriň görülmeginiň möhletinden gaýra süýşürilmegi üçin esas hökmünde peýdalanylmaýar;

b) „hapalaýjy töleýär“ ýörelgesini ulanýarlar, bu ýörelgä laýyklykda hapalanmanyň öňüniň alynmagy, oňa gözegçilik edilmegi we onuň peseldilmegi boýunça çäreleri amala aşyrmak üçin harajatlary hapalaýjy çekmeli;

c) Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna düýpli ýaramaz täsir edip biljek iş görnüşleriniň daşky gurşawa ýetirýän täsirine baha bermek babatda Şertleşýän Taraplaryň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyna ýardam edýärler;

d) degişli meýilnamalar we maksatnamalar işlenilip düzülende ekologik şertleriň, şol sanda adamlaryň saglygy bilen bagly jähtleriň ählitaraplaýyn hasaba alynmagyny üpjün edýärler;

e) betbagtçylyklara taýýarlygy we ol babatda degişli çäreleriň görülmegini üpjün etmek arkaly senagatdaky awariýalar we tebigy betbagtçylyklar netijesinde hapalanmak töwekgelçiligini mümkin boldugyça azaltmak üçin öňüni alyş çärelerini görýärler;

f) ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde edilýän işleriň netijesinde gyzylbalyklaryň, azatmahylaryň we beýleki gymmatly görnüşleriň tebigy işbil taşlaýyş aýtymyna howp salyp biljek hapalanmalardan goramak boýunça ýörite çäreleri görýärler;

g) kenarýaka etraplaryň ösdürilmegine toplumlaýyn çemeleşmek arkaly kenarýaka etraplaryň durnukly ösmegine ýardam edýärler;

h) Teswirnamanyň maksatlaryny gazanmak üçin çäginde Hazar deňziniň gidrologik basseýniniň bir bölegi ýerleşýän Hazarýaka döwletleri bolmadyk ýurtlar bilen özara ylalaşyk esasynda hyzmatdaşlyk etmäge çalyşýarlar.

***5-nji madda. Amala aşyrmak boýunça çäreler***

1. Her bir Şertleşýän Tarap şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişini utgaşdyrmaga we Kätipligiň üsti bilen beýleki Şertleşýän Taraplara degişli maglumatlary bermäge hukugy bolan milli organy belleýär.

2. Şu Teswirnama ýerine ýetirilýän wagtynda Şertleşýän Taraplar:

a) hapalanmagyň çeşmelerine gözegçilik etmek boýunça çärelere esaslanýan we özünde çäreleri hem-de zerur bolan ýerinde olary ýerine ýetirmegiň grafiklerini saklaýan hereketleriň sebitleýin we/ýa-da milli maksatnamalaryny we meýilnamalaryny kabul edýärler. Şeýle maksatnamalar ýa-da meýilnamalar işlenilip düzülende olar deňiz gurşawyny gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde ýüze çykýan hapalanmalardan goramak boýunça hereketleriň Global maksatnamasynyň hödürnamalaryny we Hazar deňzi boýunça hereketleriň Baş ugry maksatnamasynyň degişli düzgünlerini hasaba almaly;

b) kem-kemden işläp düzmek, kabul etmek we amala aşyrmak arkaly I Goşundyda sanalyp geçilen işleriň we maddalaryň görnüşleriniň öz içine alynmagyny üpjün edýärler:

(i) zyňyndylara gözegçilik etmek, şol sanda degişli maddalar üçin zyňyndylaryň aňryçäk möçberleri, hiliň ekologik ülňüleri we daşky gurşawyň hiliniň maksatlaýyn görkezijileri, şeýle hem I Goşundyda kesgitlenýän ýagdaýlara esaslanýan dolandyryş tejribeleri; we

(ii) aňryçak möçberlere ýetimegiň, degişli dolandyryş tejribeleriniň ornaşdyrylmagynyň we Şertleşýän Taraplaryň ylalaşan çärelerini ýerine ýetirilmegiň grafiklerini;

c) şu Teswirnama V Goşundyda sanalyp geçilen durmuş, ykdysady we tehnologik şertleri hem-de kriterileri göz öňünde tutmak bilen BIOT-ni we IOTGT-ni peýdalanýarlar ýa-da olaryň peýdalanylmagyna, şeýle hem ekologik taýdan esaslandyrylan tehnologiýanyň ulanylmagyna, onuň elýeterli edilmegine we geçirilmegine, şol sanda ekologik taýdan has arassa önümçilige ýardam edýärler.

***6-nji madda. Umumy gollanmalyk ýörelgeler we ülňüler***

1. Konwensiýanyň 18-nji maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplar zerur bolanda ygtyýarly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda kem-kemden umumy gollanmalyk ýörelgelerini hem-de ýagdaýlara baglylykda aşakdakylara degişli bolan standartlary ýa-da kriterileri işläp düzýärler we kabul edýärler, ýagny:

a) hususan-da, zyňyndylary arassalamak üçin usullary hasaba almak bilen, kenarýaka suw çykaryjylar üçin turba geçirijileriň uzynlygyna, ýerleşdirilýän çuňlugyna we ýerleşdirilişine;

b) aýratynlykda arassalanmagy talap edýän zyňyndylara bildirilýän ýörite talaplara;

c) deňiz suwy anyk maksatlar üçin ulanylanda adamlaryň saglygyny, biologik baýlyklary we ekoulgamlary goramak üçin deňiz suwunyň zerur bolan hiline;

d) deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň düýpli hapalanmagyna sebäp bolýan önümlere, desgalara hem-de senagat we beýleki proseslere gözegçilik edilmegine we zerur bolan ýagdaýynda olaryň kem-kemden çalşyrylmagyna;

e) şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilýän zyňylýan maddalaryň mukdary, olaryň zyňyndylardaky toplanmasy we olary zyňmagyň usullary babatda anyk talaplara.

2. Şu Teswirnamanyň 5-nji maddasynyň 2-nji bendiniň a böleginde görkezilen hereketleriň sebitleýin maksatnamalary we meýilnamalary aşakdaky ýagdaýlary hasaba almak bilen işlenilip düzülýär we amala aşyrylýar:

a) Şertleşýän Taraplar zyňyndylaryň umumy aňryçäk möçberlerni, hiliň ekologik ülňülerini ýa-da daşky gurşawyň hiliniň maksatlaýyn görkezijilerini, şeýle-de şu Teswirnamanyň I Goşundysynda sanalyp geçilen maddalar üçin ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işleriň netijesinden hapalanmanyň ýagdaýlara baglylykda öňüni almaga, ony azaltmaga ýa-da ýok etmäge gönükdirilen çäreleri amala aşyrmagyň grafiklerini kesgitleýärler we olara yzygiderli ýagdaýda gaýtadan seredýärler; we

b) Şertleşýän Taraplaryň konferensiýasy hapalanmanyň öňüni almagyň kriterilerini kesgitleýär we Hazar deňziniň ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işleriň netijesinde hapalanmasyny peseltmek, oňa gözegçilik etmek we ony ýok etmek boýunça degişli çäreler babatda hödürnamalary berýär hem-de yzygiderli ýagdaýda olary täzeleýär, we şunda şu Teswirnamanyň 13-nji maddasynda görkezilen monitoring maksatnamalarynyň geçirilmeginiň, senagat we beýleki antropogen işiň üýtgeşmelerini hem-de hapalanma garşy göreşmek boýunça ylmyň we tehnologiýalaryň ulgamyndaky mümkin bolan öňegidişligiň netijeleri boýunça maglumatlaryň möçberiniň artmasyny şöhlelendirýär.

***7-nji madda. Nokat şekilli çeşmelerden hapalanmak***

1. Şertleşýän Taraplar Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edýän ýa-da ýaramaz täsir edip biljek şu Teswirnama I Goşundyda görkezilen hapalanmanyň nokat şekilli çeşmelerinden maddalaryň zyňylmasynyň düzgünleşdirilmesi bar bolan iň oňat tehnologiýalara, iň oňat tebigaty goraýyş tejribesine ýa-da zyňyndylaryň degişli aňryçäk möçberlerine esaslanmagy üçin çäreleri görýärler.

2. Şertleşýän Taraplar “gyzgyn nokatlaryň” sanawynyň esasynda nokat şekilli çeşmelerden hapalaýjy maddalaryň gelmesiniň düýpli azaldylmagyny gazanmagyň grafikleri bilen hereketleriň milli meýilnamasyny kabul edýärler we amala aşyrýarlar, bu sanaw Taraplaryň Konferensiýasy tarapyndan tassyklanýar, soňra her iki ýyldan gaýtadan seredilýär we täzelenýär.

3. Nokat şekilli çeşmelerden zyňyndylary amala aşyrmaga Şertleşýän Taraplaryň ygtyýarly milli edaralaryndan rugsatnamalary almak şerti bilen rugsat berilýär ýa-da bu zyňyndylar şu Teswirnamanyň, oňa IV Goşundynyň düzgünlerini we Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň degişli kararlaryny we hödürnamalaryny degişli ýagdaýda hasaba almak bilen şu edaralar tarapyndan düzgünleşdirilmäge degişli.

4. Şu maksat bilen Şertleşýän Taraplar berlen rugsatnamalaryň talaplarynyň we daşky gurşawa zyňyndylary düzgünleşdirýän kabul edilen kadalaşdyryjy namalaryň berjaý edilişine baha bermek üçin özleriniň ygtyýarly milli edaralary tarapyndan amala aşyrylýan yzygiderli barlaglaryň we gözegçilikleriň ulgamynyň döredilmegini üpjün edýärler. Rugsatnamalaryň we kadalaşdyryjy namalaryň talaplary berjaý edilmedik ýagdaýynda Şertleşýän Taraplar degişli jogapkärçilik çärelerini girizýärler we olaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýärler.

***8-nji madda. Aýratynlykda ýerleşen çeşmelerden hapalanmak***

1. Şertleşýän Taraplar Hazar deňziniň deňiz gurşawyna kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edýän ýa-da ýaramaz täsir edip biljek şu Teswirnama I Goşundyda görkezilen hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşen çeşmelerinden maddalaryň zyňylmasynyň düzgünleşdirilmesi BIOT-a we IOTGT-a esaslanmagy üçin çäreleri görýärler.

2. Şertleşýän Taraplar şu Teswirnama II Goşundyda kesgitlenen kriterilere laýyklykda Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna täsir edýän oba hojalygy bilen bagly hapalanmany düýpli peseltmek üçin onuň ylalaşylan

ekologik ülňülere we şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilen maddalar boýunça daşky gurşawyň hiliniň maksatlaýyn görkezijilere laýyk gelmegini üpjün etmek maksady bilen ähli zerur çäreleri görýärler.

***9-nji madda. Işiň beýleki görnüşleri zerarly ýüze çykýan hapalanma***

1. Şertleşýän Taraplar Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýa-da kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edýän ýa-da ýaramaz täsir edip biljek hem-de şu Teswirnamanyň 7-nji we 8-nji maddalarynda görkezilmedik işleriň görnüşleriniň BIOT-nyň we IOTGT-nyň esasynda amala aşyrylmagy üçin çäreleri görýärler.

2. Şertleşýän Taraplar deňziň derejesiniň üýtgemegi netijesinde deňiz gurşawynyň we kenarýaka zolagyň hapalanmagynyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça ýok etmek üçin ähli degişli çäreleri görýärler. Şu maksatlar bilen olar nebit we himiýa senagatynyň enjamlaryny, şeýle hem suw basmak howpy bar bolan nebit bilen hapalanan ýerleri goramak boýunça çäreleri görýärler we könelişen kenar abzallaryny we saklawhanalaryny ulanyşdan çykarýarlar.

***10-nji madda. Kenarýaka etraplaryny ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşmek***

1. Şertleşýän Taraplar özbaşdak we haçan-da maksadalaýyk bolanda, bilelikde beýlekiler bilen bir hatarda kenarýaka etraplaryny meýilnamalaşdyrmagyň esasynda kenarýaka etraplaryny ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşmäni ulanýarlar. Olar deňziň derejesiniň uzak wagtlaýyn üýtgemegi, peselme-ýokarlanma hadysalary, gaýlar, ýer titremeler we kenarýaka eroziýasy ýaly howply tebigy faktorlaryň kenarýaka etraplaryň ilatyna we infrastrukturasyna ýetirýän ýaramaz täsirini peseltmek üçin gowşadyjy çäreleri kabul edýärler we amala aşyrýarlar.

2. Şertleşýän Taraplar kenarýaka etraplarda ýerleriň ösümliksiz galmagyny we ýaramazlaşmagyny peseltmek we onuň öňüni almak üçin ähli zerur çäreleri görýärler we tokaýlary dikeltmäge we çölleşmä garşy göreşmäge gönükdirilen hereketleriň milli meýilnamalaryny we maksatnamalaryny işläp düzýärler we amala aşyrýarlar.

***11-njy madda. Serhedüsti täsirler***

1. Haçan-da Şertleşýän Taraplaryň islendiginiň ýerüsti çeşmelerinden we gury ýerinde amala aşyrylýan işiň netijesinde beýleki ýa-da birnäçe beýleki Şertleşýän Taraplaryň kenarýaka etraplaryna ýa-da Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýaramaz täsir edip biljek bolsa, degişli Şertleşýän Tarap täsir edilip bilinjek Şertleşýän Taraplara habar berýär we meseläni çözmek üçin olar bilen maslahatlaşmalary geçirýär.

2. Eger-de Şertleşýän Taraplaryň ikisiniň ýa-da ondan hem köpüsiniň çäklerinden akyp geçýän ýa-da olaryň arasynda umumy araçäk emele getirýän akardan suwlaryň akdyrylmagy Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň hapalanmagyna getirse, ýa-da getirip bilse, degişli Şertleşýän Taraplar şu Teswirnamanyň doly derejede ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, şol sanda, laýyk bolan

ýagdaýynda hapalanma bilen bagly bolan meseleleri ýüze çykarmaga we çözmäge jogapkär organlary döretmek arkaly hyzmatdaşlyk edýärler.

3. Şertleşýän Tarap şu Teswirnamanyň Tarapy bolup durmaýan döwletiň ýa-da döwletleriň territoriýasynda ýüze çykýan islendik hapalanma üçin jogapkärçilik çekmeýär.

***12-nji madda. Daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermek***

1. Konwensiýanyň 17-nji maddasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Şertleşýän Taraplar gury ýerde amala aşyrylýan taslamalaryň we işleriň görnüşleriniň daşky gurşawa edip biljek täsirine, şol sanda mümkin bolan serhedüsti täsirlere baha bermek babatda sebitleýin we degişli milli gollanmalyk ýörelgelerini işläp düzýärler we kabul edýärler, we haçan-da, bu maksadalaýyk bolanda bu gollanmalyk ýörelgelere gaýtadan seredýärler we täzeleýärler.

2. Şertleşýän Taraplaryň her biri öz territoriýasynyň çäklerinde gury ýerde ýerine ýetirmek meýilleşdirilýän, Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýa-da kenarýaka etraplaryna düýpli ýaramaz täsir edip biljek islendik iş görnüşleriniň ýa-da taslamalaryň daşky gurşawa ýetirip biljek täsirine baha bermek babatda amallary girizýärler we ulanýarlar.

3. Şu maddanyň 2-nji bendinde görkezilen iş görnüşleri we taslamalar Şertleşýän Tarapyň ygtyýarly edaralarynyň deslapdan ýazmaça rugsatnamasy boýunça amala aşyrylýar, onda daşky gurşawa ýetirilip bilinjek täsire berlen bahanyň netijeleri we hödürnamalary doly derejede hasaba alynýar.

***13-nji madda. Habarlary we maglumatlary ýygnamak, olara gözegçilik etmek we baha bermek***

1. Konwensiýanyň 19-nji maddasynyň we onda göz öňünde tutulan gözegçilik maksatnamalarynyň çäklerinde, zerur bolan ýagdaýynda bolsa ygtyýarly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda Şertleşýän Taraplar mümkin bolan derejede:

a) Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka sebitleriniň fiziki, biologik we himiki häsiýetnamalar babatdaky ýagdaýy hakynda habarlary we maglumatlary ýygnaýarlar, maglumatlar goruny taýýarlaýarlar we ýöredýärler;

b) ýerüsti çeşmelerden şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilen maddalaryň gelmegi hakynda, şol sanda Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna zyňylan şeýle maddalaryň çeşmeleriniň paýlanyşy we mukdary hakyndaky maglumatlary ýygnaýarlar, maglumatlar goruny taýýarlaýarlar we ýöredýärler;

c) yzygiderli ýagdaýda (bäş ýylda azyndan bir gezek) Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň ýagdaýyna sebitleýin derejede baha bermek işini geçirýärler;

d) özüne degişli kenar çyzygynyň ugry boýunça hapalanmanyň derejesine, aýratyn hem şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilen işleriň görnüşi we maddalar babatda yzygiderli bahalandyrmany geçirýärler we yzygiderli ýagdaýda bu mesele boýunça Kätiplige maglumat berýärler;

2. Şertleşýän Taraplar hile analitiki gözegçilik edilmegini göz öňünde tutýan, şeýle hem maglumatlaryň saklanmagyna we alynmagyna hem-de maglumatlaryň

alşylmagyna ýardam etmek maksady bilen gözegçiligiň sebitleýin maksatnamalarynyň we gözegçiligiň utgaşdyryp bolýan milli maksatnamalarynyň düzüm bölekleri taýýarlananda hyzmatdaşlyk edýärler.

3. Şu maddanyň 1-nji bendinde görkezilen maglumat beýleki Şertleşýän Taraplara Kätipligiň üsti bilen berilýär.

***14-nji madda. Maglumatlary alyşmak***

Konwensiýanyň 21-nji maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplar gönüden-göni ýa-da Kätipligiň üsti bilen deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplaryň ýagdaýy we şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişi boýunça elýeterli maglumatlary we habarlary yzygiderli ýagdaýda alyşýarlar.

Şertleşýän Taraplar maglumatlary alyşmak üçin ulgamlary we torlary döredýärler.

***15-nji madda. Jemgyýetçiligiň gatnaşmagy***

1. Şertleşýän Taraplar Konwensiýanyň 21-nji maddasyna we öz milli kanunçylygyna laýyklykda ýerli häkimiýet edaralarynyň we jemgyýetçiligiň Hazar deňziniň deňiz gurşawyny we kenarýaka etraplaryny ýerüsti çeşmelerden hem-de gury ýerde geçirilýän işleriň netijesinde hapalanmakdan goramak üçin zerur bolan çärelere, şol sanda daşky gurşawa ýetirilýän täsire baha bermäge hem-de şu Teswirnamay ýerine ýetirmek bilen bagly çözgütleri kabul etmek proseslerine gatnaşmagyna ýardam edýärler.

2. Şertleşýän Taraplar Konwensiýanyň 21-nji maddasyna we öz milli kanunçylygyna laýyklykda, özleriniň gatnaşýan jemgyýetçilige ekologik maglumatyň elýeterli bolmagy hakynda hereket edýän halkara ylalaşyklarynyň düzgünlerini nazar alyp, jemgyýetçiligiň Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň ýagdaýy, hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek we ony peseltmek boýunça kabul edilen ýa-da meýilleşdirilýän çäreler hakyndaky maglumatlary almagyny ýeňilleşdirýärler.

***16-nji madda. Hyzmatdaşlyk we ýardam bermek***

1. Şertleşýän taraplar ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hapalanmagynyň we olara beýleki ýaramaz täsirleriň öňüni almak, olara gözegçilik etmek, olary peseltmek we mümkin bolan derejede ýok etmek maksady bilen Kätipligiň üsti bilen sebitleýin esasda, we maksadalaýyk bolanda, ikitaraplaýyn esasda hyzmatdaşlyk edýärler.

2. Konwensiýanyň 20-nji maddasyna laýyklykda Taraplar ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde alnyp barylýan işleriň netijesinde hapalanmak meseleleri, şol sanda hapalaýjy maddalaryň hil we mukdar düzümini, ýaýraýyş ýollaryny, olaryň başga görnüşe geçmegini we daşky gurşawa edýän täsirini öwrenmek boýunça, şeýle hem hapalanmanyň öňüni almagyň, ony azaltmagyň we aradan aýyrmagyň täze usullaryny we tärlerini işläp düzmekde, şol sanda bu maksatlar üçin ekologik taýdan has arassa önümçilik proseslerini işläp düzmek we ulanmak boýunça ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy höweslendirýärler.

3. Şertleşýän Taraplar şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegine ýardam edilmegini soraýan Şertleşýän Taraplar bilen gönüden-göni ýa-da Kätiplygyň üsti bilen hyzmatdaşlyk etmäge, şol sanda şu aşakdakylarda hyzmatlyk etmäge çalyşýarlar:

a) ylmy, tehniki, bilim we jemgyýetçilik – aň-bilim ýaýradyş maksatnamalaryny işläp düzmekde, şeýle hem ylmy, tehniki we administratiw işgärleri taýýarlamakda;

b) tehniki maslahatlaryň, maglumatlaryň berilmeginde we beýleki ýardamlary etmekde.

4. Şertleşýän taraplar ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hapalanmagynyň öňüni almak, olary peseltmek we olara gözegçilik etmek meselesine dahylly bolan halkara ylalaşyklarynyň çäklerinde döredilen halkara guramalary, maksatnamalary we edaralary bilen hyzmatdaşlyk edýärler.

***17-nji madda. Nutuklaryň berilmegi***

1. Şertleşýän Taraplaryň her biri Kätiplige Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynda kabul edilen görnüşde şu Teswirnamay ýerine ýetirmek boýunça ýerine ýetirilen çäreler hakynda nutuklary berýär. Kätiplik alnan nutuklary Şertleşýän Taraplaryň ählisiniň arasynda ýaýradýar.

2. Bu nutuklarda beýlekiler bilen bir hatarda şu aşakdakylar Teswirnama edilýär:

a) kadalaşdyryjy-hukuk häsiýetli çäreler, hereketleriň meýilnamasy, maksatnamalar we şu Teswirnamay, oňa Goşundylary we onuň bilen bagly kabul edilen hödürnamalary ýerine ýetirmek üçin edilen işler hakyndaky maglumatlar;

b) Hazar deňzine taşlanýan, I Goşunda laýyklykda gözegçilik edilýän maddalaryň mukdary hakyndaky maglumatlar;

c) Şu Teswirnamanyň 7-nji maddasyna laýyklykda berlen rugsatnamalara degişli statistik maglumatlar;

d) şu Teswirnamanyň 13-nji maddasynda göz öňünde tutulan gözegçiligiň netijesinde alnan habarlar we maglumatlar;

e) kenar çyzygyny üýtgedýän ýa-da kenarýaka etraplarynyň çäklerinde ýaşaýyş ýerlerine ýaramaz täsir edýän işiň netijesinde hapalanma hakyndaky maglumatlar;

f) gyzgyn nokatlardaky hapalanmalary aradan aýyrmagyň we olara gözegçilik etmegiň prosesinde gazanylan netijeler hakyndaky maglumaty;

g) deňiz gurşawynyň we kenarýaka zolagyň ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde hapalanmagynyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça aradan aýyrmak boýunça şu Teswirnamanyň çäklerinde kabul edilen we amala aşyrylýan hereketleriň meýilnamasynyň, maksatnamalaryň we çäreleriň ýerine ýetirilişiniň barşy hakyndaky maglumatlar, şol sanda gazanylan netijeler hakyndaky we, eger şu Teswirnamay ýerine ýetirmekde kynçylyklar bar bolsa, olar hakyndaky maglumaty.

3. Kätipligiň ýardam etmeginde şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişi hakynda we Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň ýagdaýy hakynda milli nutuklarda Teswirnama edilen habarlary we maglumatlary ulanmak bilen sebitleýin nutuklar taýýarlanýar.

4. Şu Teswirnamadaky hiç bir zat Şertleşýän Taraplaryň haýsydyr birinden açylmasy öz milli howpsuzlygynyň bähbitlerine ters gelýän maglumatyň berilmegini talap etmeýär.

***18-nji madda. Berjaý etmek***

1. Şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegine ýardam etmek üçin Şertleşýän Taraplar şu Teswirnamanyň berjaý edilmeginiň amallaryny işläp düzýärler, olar Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynda tassyklanmaga degişli.

2. Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy

a) 17-nji maddada görkezilen nutuklaryň we Şertleşýän Taraplaryň beren islendik maglumatlarynyň esasynda Teswirnamanyň berjaý edilişi hakyndaky nutuklara, şeýle hem onuň bilen bagly kabul edilen kararlara we hödürnamalara garaýar we olara baha berýär;

b) degişli ýagdaýlarda Teswirnamanyň we onuň bagly kabul edilen kararlaryň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin kararlary kabul edýär we çäreleri göz öňünde tutýar we berlen hödürnamalaryň, şol sanda Şertleşýän Tarapa öz borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ýardam etmäge gönükdirilen çäreleriň amala aşyrylmagyna ýardam edýär.

***19-nji madda. Guramaçylyk düzgünleri***

1. Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin we Konwensiýanyň 22-nji maddasynyň 10-njy bendine laýyklykda Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy beýlekiler bilen bir hatarda şu aşakdakylary amala aşyrýar:

a) Şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

b) Kätipligiň işine gözegçilik edýär we onuň işine ýolbaşçylyk edýär;

c) Şu Teswirnama syn berýär;

d) Şu Teswirnama ýa-da oňa Goşundylara düzedişlere,

şeýle hem islendik goşmaça goşundylara garaýar we olary kabul edýär;

e) Şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilişi bilen bagly meseleler boýunça Kätiplik tarapyndan berilýän hasabatlara garaýar;

f) Görlen çäreleriň netijelerine we beýleki çäreleri, şol sanda goşundylarda Teswirnama edilen çäreleri görmegiň maksadalaýyklygyna garaýar;

g) Şu Teswirnamanyň 5-nji maddasyna laýyklykda hereketleriň degişli sebitleýin maksatnamalaryny, meýilnamalaryny we çäreleri kabul edýär we zerur bolanda olara gaýtadan seredýär;

h) Şu Teswirnamanyň 6-njy maddasyna laýyklykda sebitleýin gollanmalyk ýörelgeleri, ülňüleri ýa-da kriterileri kabul edýär we zerur bolanda olara gaýtadan seredýär;

i) Maglumatlary alyşmagyň amallaryny kabul edýär we zerur bolanda olara gaýtadan seredýär hem-de Şu Teswirnamanyň 14-nji maddasyna laýyklykda

maglumatlary alyşmak üçin maglumat ulgamlarynyň we torlarynyň döredilmegine ýardam edýär;

j) Şu Teswirnamanyň 13-nji, 14-nji we 17-nji maddalaryna laýyklykda Şertleşýän Taraplar tarapyndan berlen maglumatlara garaýar we olara baha berýär;

k) Şu Teswirnamanyň 18-nji maddasynda göz öňünde tutulşy ýaly, Şertleşýän Taraplar tarapyndan şu Teswirnamanyň düzgünleriniň, onuň bilen bagly kabul edilen kararlaryň we hödürnamalaryň berjaý edilişine garaýar we oňa baha berýär;

l) Şu Teswirnamanyň 7-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, "gyzgyn nokatlaryň" sanawyny kabul edýär we oňa täzeden garaýar hem-de zerur bolanda oňa üýtgetmeleri girizýär;

m) Zerur bolanda şu Teswirnamanyň maksatlaryny gazanmak üçin tehniki we maliýe hyzmatlary üçin degişli halkara guramalaryna we ylmy institutlara ýüz tutýar;

n) Konwensiýanyň 22-nji maddasynyň 9-njy bendiniň (a) we (c) böleklerine laýyklykda şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur diýlip ykrar edilip bilinjek islendik kömekçi edaralary döredýär.

2. Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin we Konwensiýanyň 23-nji maddasynyň 4-njy bendine laýyklykda Kätiplik beýlekiler bilen bir hatarda şu aşakdakylary amala aşyrýar:

a) Şertleşýän Taraplara şu Teswirnamanyň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolup biljek ýa-da olar tarapyndan soralýan nutuklary we barlaglaryň netijelerini taýýarlaýar we olaryň ygtyýaryna berýär;

b) Şu Teswirnamanyň 13-nji maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplara Kätiplige berlen maglumaty ugradýar;

c) Şu Teswirnamanyň 5-njy maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň tassyklamagy üçin hereketleriň sebitleýin maksatnamalarynyň, meýilnamalarynyň ýa-da çäreleriň taslamalaryny taýýarlaýar;

c) Şu Teswirnamanyň 6-njy maddasyna laýyklykda Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň tassyklamagy üçin sebitleýin gollanmalyk ýörelgeleriň, ülňüleriň ýa-da kriterileriň taslamalaryny taýýarlaýar.

***20-nji madda. Teswirnamanyň maliýeleşdirilmegi***

1. Şu Teswirnamanyň maksatlaryny gazanmak üçin Şertleşýän Taraplar mümkin bolan ýagdaýynda:

a) degişli içerki, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn maksatnamalaryň, taslamalaryň we çäreleriň işlenip düzülmeginiň we ýerine ýetirilmeginiň maliýe üpjünçiligine garaýarlar we ony amala aşyrýarlar;

b) maliýeleşdirmäniň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn çeşmeleriniň we mehanizmleriniň maliýe serişdeleriniň, şol sanda grantlaryň we karzlaryň çekilmegine ýardam edýärler;

c) serişdeleri, şol sanda beýleki ýurtlaryň gaznalarynyň, hökümet edaralarynyň, halkara guramalarynyň, hökümete dahylsyz guramalaryň we hususy sektoryň düzümleriniň serişdelerini çekmek we paýlamak üçin innowasion usullary we höweslendirmeleri öwrenýärler.

2. Eger-de Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasy başga karar kabul etmese, Konwensiýanyň maliýe düzgünleri şu Teswirnama mutatis mutandis ulanylýar.

***21-nji madda. Dawalaryň düzgünleşdirilişi***

Şu Teswirnamanyň düzgünleriniň ulanylyşy ýa-da teswirlenişi babatda Şertleşýän Taraplaryň arasynda ýüze çykýan islendik dawalar Konwensiýanyň 30-njy maddasyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

***22-nji madda. Teswirnamanyň kabul edilmegi we güýje girmegi***

1. Şu Teswirnama Şertleşýän Taraplaryň Konferensiýasynyň mejlisinde Şertleşýän Taraplaryň biragyzdan kabul eden karary bilen kabul edilýär.

2. Şu Teswirnama diňe hazarýaka döwletleri tarapyndan gol çekilmegi üçin Tähran şäherinde 2012-nji ýylyň 12-nji dekabry 2013-nji ýylyň 12-nji iýuny aralygyndaky açykdyr.

3. Şu Teswirnama hazarýaka döwletleri tarapyndan ratifisirlenmäge, kabul edilmäge ýa-da tassyklanmaga degişli. Teswirnama onuň gol çekilmegi üçin ýapylan senesinden başlap islendik hazarýaka döwletiniň goşulmagy üçin açyk bolar.

4. Ratifisirlemk, kabul etmek, tassyklamak ýa-da oňa goşulmak hakyndaky resminamalar Konwensiýanyň Depozitarisine saklamaga tabşyrylýar.

5. Şu Teswirnama ähli hazarýaka döwletleri tarapyndan onuň ratifisirlenmegi, kabul edilmegi, tassyklanmagy ýa-da oňa goşulyşmagy hakyndaky resminamalar saklanmaga tabşyrylandan soň togsanynjy günde güýje girýär.

***23-nji madda. Şu Teswirnama düzedişleri we goşundylary hem-de onuň goşundylaryna düzedişleri kabul etmek***

Şertleşýän Taraplar şu Teswirnama düzedişleri we goşundylary, şeýle hem onuň goşundylaryna düzedişleri kabul etmek hakyndaky teklipleri berip bilýärler. Şeýle düzedişler we goşundylar Konwensiýanyň 24-nji we 25-nji maddalaryna laýyklykda Şertleşýän Taraplar tarapyndan kabul edilýär we olar üçin güýje girýär.

***24-nji madda. Teswirnamanyň milli kanunçylyga ýetirýän täsiri***

Şu Teswirnamanyň düzgünleri Şertleşýän Taraplaryň şu Teswirnamay ýerine ýetirmek boýunça degişli has berk milli çäreleri kabul etmek hukugyna täsir etmeýär.

***25-nji madda. Beýleki halkara şertnamalary bilen aragatnaşyk***

Şu Teswirnamadaky hiç bir azt Şertleşýän Taraplaryň gatnaşýan beýleki halkara şertnamalary boýunça hukuklaryna we borçnamalaryna zyýan ýetirmeýär.

***26-nji madda. Bellikler***

Şu Teswirnama boýunça hiç hili belliklere ýol berilmeýär.

***27-nji madda. Depozitariý***

Şu Teswirnamanyň Depozitarisi Konwensiýanň Depozitarisi bolup duryar.

***28-nji madda. Asyl nusgadaky tekstler***

Şu Teswirnamanyň azerbaýjan, gazak, rus, türkmen, pars we iňlis dillerindäki tekstleri deň asyl nusgalar bolup durýar. Şu Teswirnamanyň teswirlenişinde ýa-da ulanylyşynda dawalar ýüze çykan ýagdaýynda iňlis dilindäki tekst ulanylýar.

***29-nji madda. Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşiklere bolan gatnaşyk***

Şu Teswirnamanyň hiç bir düzgünleri Hazar deňziniň hukuk derejesi boýunça gepleşikleriň netijelerini kesgitleýän düzgünler hökmünde teswirlenmeýär.

ÝOKARDA AÝDYLANLARY TASSYKLAMAK BILEN, muňa degişli ýagdaýda ygtyýarlandyrylanlar şu Teswirnama gol çekdiler.

Moskwa şäherinde, iki müň on ikinji ýylyň dekabr aýynyň on ikinji senesinde baglaşyldy.

# I. GOŞUNDY

Işiň gözegçilik edilýän görnüşleri we maddalaryň gözegçilik edilýän kategoriýalary

Şu Goşundyda Şertleşýän Taraplaryň şu Teswirnamanyň 5-nji we 6-njy maddalarynda görkezilen ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça aradan aýyrmak boýunça hereketleriň meýilnamalary, maksatnamalar we çäreler taýýarlananda nazarda tutýan elementleri sanalyp geçilýär.

Şeýle hereketleriň meýilnamalary, maksatnamalar we çäreler A bölümde sanalyp geçilen iş görnüşlerini öz içine almaga, şeýle hem B bölümde sanalyp geçilen, şu Goşundynyň C bölüminde görkezilen häsiýetnamalaryň esasynda saýlanyp alnan maddalaryň kategoriýalaryny öz içine almaga gönükdirilendir.

Hereketleriň meýilnamalary, maksatnamalar we çäreler taýýarlananda Şertleşýän Taraplar degişli halkara gurallarynyň düzgünlerini nazara alyp bilerler.

Hereketleriň möhümligini deňiz we kenarýaka ekoulgamlaryna we baýlyklaryna, ilatyň saglygyna, durmuş-ykdysady eşretlere, şol sanda medeni gymmatlyklara täsiriň düýplüliginiň derejesine baha bermek arkaly kesgitlemeli.

***A. Işiň görnüşleri***

Ýerüsti çeşmelerden hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça aradan aýyrmak boýunça hereketleriň meýilnamalarynda, maksatnamalarda we çärelerde ileri tutulýan ugurlary kesgitlenende Şertleşýän Taraplar tarapyndan ýekebara ýa-da bilelikde işiň şu aşakdaky görnüşleri nazarda tutulýar, bu iş görnüşleri deňiz gurşawyny hapalamaga bolan ukybynyň esasynda kesgitlendi we ähmiýetliginiň tertibinde sanalyp geçilmeýär:

1. Oba hojalygy we maldarçylyk.
2. Senagat:

• suw organizmlerini ösdürip ýetişdirmek we köpeltmek (akwakultura);
• elektron senagaty;
• elektrik energiýasyny öndürmek;
• dökünleri öndürmek;
• azyk senagaty;
• tokaý hojalygy;
• ýadro senagaty;
• metallurgiýa senagaty;
• gazylyp alynýan peýdaly magdanlary çykarmak;
• nebit we gaz bilen baglanyşykly iş;
• kagyz we sellýuloza-kagyz senagaty;
• farmasewtika senagaty;
• gurluşyk materiallaryny öndürmek;
• biosidleri öndürmek we işläp taýýarlamak;

• galyndylaryň resirkulýasiýasy;
• gämi gurluşygy we gämi abatlaýyş;
• gön senagaty;
• dokma senagaty;
3. Galyndylary dolandyrmak:
• howply we zäherli galyndylar:
• senagatyň hapa suwlary:
• şäheriň gaty galyndylary we hapa suwlary;
• radioaktiw galyndylar;
• hapa suwlaryň galyndylaryny aýyrmak;
• galyndylary ýakmak we olaryň ýanmagyndan galan önümler bilen işlemek;
• raketa ýangyjy.
4. Syýahatçylyk.
5. Ulag.
6. Emeli adalary gurmak we olary dolandyrmak.
7. Awtomagistrallary we awtomobil ýollaryny gurmak.
8. Himiki ýaragy we ok-därileri ýok etmek.
9. Düýp çuňaldyş işleri.
10. Portlary gurmak we olardaky işler.
11. Kenar çyzygynyň fiziki taýdan tebigy ýagdaýyny üýtgetmek.
12. Deňziň derejesiniň üýtmeginiň täsirine sezewar bolýan ulanylmaýan enjamlar.

***B. Maddalaryň kategoriýalary***

Ýerüsti çeşmelerden hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça aradan aýyrmak boýunça hereketleriň meýilnamalary maksatnamalarwe çäreler taýýarlananda Şertleşýän Taraplar tarapyndan maddalaryň şu aşakdaky kategoriýalary nazarda tutulýar, bu maddalar özleriniň howply ýa-da beýleki zyýanly häsiýetnamalary esasynda kesgitlendi we ähmiýetliginiň tertibinde sanalyp geçilmeýär:

1. Suwuň hilini ýaramazlaşdyrmaga ukyply kislotaly ýa-da aşgarly birleşmeler.
2. Beýleki bölümlerde görkezilmedik biosidler we olardan alnan önümler.
3. Çig nebit we nebitden alnan uglewodorodlar hem-de peýdalanylan çalgy materiallar.
4. Siandiler we ftoridler.
5. Agyr metallar we olaryň birleşmeleri.
6. Deňiz zir-zibilleri (Islendik durnukly senagat ýa-da peýdalanyp zyňylan, utilizirlenen ýa-da galdyrylan gaty materiallar)
7. Ewtrofikasiýany döretmäge ukyply maddalar.
8. Biohimiki taýdan dargamaýan detergentler we biohimiki taýdan dargamaýan beýleki ýerüsti-aktiw maddalar.
9. Zäherli däl, deňiz gurşawynda kislorodyň saklanyş derejesine ýaramaz täsir edýän ýa-da deňiz suwunyň fiziki ýa-da himiki häsiýetnamalaryna ýaramaz täsir

etmäge ukyply ýa-da deňziň islendik kanuny ulanylmasyna päsgel berip biljek maddalar.

10. Organogalogen birleşmeler we deňiz gurşawynda şeýle birleşmeleri döredip biljek maddalar.

11. Fosfororganiki birleşmeler we deňiz gurşawynda şeýle birleşmeleri döredip biljek maddalar.

12. Galaýy-organiki birleşmeler we deňiz gurşawynda şeýle birleşmeleri döredip biljek maddalar.

13. Patogen mikroorganizmler.

14. Polisiklik aromatik uglewodorodlar.

15. Radioaktiw, şol sanda ýadro maddalar.

***C. Maddalaryň häsiýetnamalary***

Ýerüsti çeşmelerden hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek, ony peseltmek we mümkin boldugyça aradan aýyrmak boýunça hereketleriň meýilnamalary maksatnamalar we çäreler taýýarlananda Şertleşýän Taraplar tarapyndan degişli ýagdaýlarda maddalaryň şu aşakdaky häsiýetnamalary we aşakdaky faktorlar nazarda tutulýar, olar ähmiýetliginiň tertibinde sanalyp geçilmeýär:

1. Bioakkumulýasiýa we hapalaýjy maddalaryň iýmit zynjyrynda toplanmasynyň artmagy.

2. Maddalaryň kumulýatiw täsiri.

3. Maddalaryň ýaýraýyş kanunalaýyklyklary (ýagny mukdary, ulanyş görnüşleri, deňiz gurşawyna düşmek ähtimallygy).

4. Adamlar tarapyndan iýmit hökmünde ulanylmaga niýetlenen deňiz önümleriniň organoleptik häsiýetnamalaryna edýän täsiri.

5. Deňiz suwunyň ysyna, reňkine, durulygyna, temperaturasyna ýa-da beýleki aýratynlyklaryna ýetirýän täsiri.

6. Saglyga täsir etmegi we saglyk üçin howply

7. Deňiz florasyna we faunasyna hem-de biologik serişdeleriň durnukly ulanylmagyna ýa-da deňziň beýleki kanuny ulanylmasyna ýaramaz täsir etmegi.

8. Maddalaryň durnuklylygy.

9. Ewtrofikasiýany döretmäge ukyplylyk.

10. Radioaktiwlik.

11. Göze görünýän we görünmeýän netijelere getirýän toplanmalaryň özara gatnaşygynyň koeffisiýenti (NOEC).

12. Deňiz ekoulgamynda ýaramaz özgerişleriň ýüze çykmak howpy we täsiriň dolanuwsyzlygy ýa-da uzaklygy.

13. Zäherlilik ýa-da beýleki zyýanly aýratynlyklar (mysal üçin, kanserogenlik, mutagenlik, teratogenlik).

14. Uzak aralyklara geçmäge ukyplylyk.

## II. GOŞUNDY

**Oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmeleri**

***A. Kesgitlemeler***

Şu Goşundynyň maksatlary uçin:

1. "Oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmeleri" hapalanmanyň nokat şekilli bolmadyk, oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek we öý haýwanlaryny köpeltmek bilen bagly bolan çeşmeleri aňladýar, oňa mallaryň işjeň köpeldilýän obýektleri girmeýär, olar, tersine nokat şekilli çeşmelere degişli.

2. "Iň oňat tejribeler" Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna hapalaýjy maddalaryň akymynyň öňüni almak, olary peseltmek ýa-da olara gözegçilik etmek maksady bilen düzümleýin we düzümleýin däl häsiýetli peýdaly we gazanyp bolýan çäreleri aňladýar.

***B. Oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerinden hapalanmanyň öňüni almak, oňa gözegçilik ermek we ony peseltmek boýunça meýilnamalar***

Şertleşýän Taraplaryň her biri şu Teswirnama güýje giren wagtyndan soň ylalaşylan iň gysga möhletlerde Hazar deňziniň deňiz gurşawyna ýa-da kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edip biljek oba hojalygyndaky bar bolan aýratynlykda ýerleşen çeşmelerden gelýän hapalanmalaryň öňüni almak, olara gözegçilik etmek we olary peseltmek boýunça meýilnamalary we çäreleri işläp düzýär. Şeýle meýilnamalar we çäreler öz içine, hususan-da, düzüminde ewtrofikasiýa getirýän maddalary, pestisidleri, çökýän çökündileri we patogen organizmleri saklaýan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerini alýar.

Meýilnamalar işlenip düzülende şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

1. Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edip biljek oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerine baha bermek we olary seljermek, şol sanda:

a) Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna ýaramaz täsir edip biljek toplanmalaryň derejelerine baha bermek;

b) adamlaryň saglygy üçin mümkin bolan howplary ýüze çykarmak;

c) bar bolan iň oňat tejribelere we olaryň netijeliligine baha bermek;

d) gözegçilik maksatnamalaryny ornaşdyrmak.

2. Syýasy, kanunçylyk we ykdysady çäreler, şol sanda:

b) oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerini dolandyrmaga gönükdirilen syýasatyň we hukuk mehanizmleriniň meýilnamalaryna, ýörelgelerine olaryň ýeterliligi nukdaý nazaryndan baha bermek we seljermek hem-de iň oňat tejribeleri gazanmak üçin zerur bolan şeýle üýtgeşmeleri amala aşyrmagyň meýilnamasyny işläp düzmek;

b) oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerini dolandyrmagyň hereket edýän administratiw ulgamyna baha bermek; şeýle hem

c) oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşen çeşmelerinden Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hapalanmagynyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek we ony peseltmek üçin iň oňat tejribeleriň ulanylmasyny giňeltmek maksady bilen ykdysady we ykdysady däl höweslendirmeleriň maksatnamalaryny işläp düzmek we olary amala aşyrmaga ýardam etmek.

3. Okadyş, taýýarlaýyş we habarlylygy ýokarlandyryş maksatnamalary, şol sanda:

a) oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşýän çeşmeleri we olaryň deňiz gurşawyna hem-de kenarýaka etraplaryna, adamlaryň saglygyna we ykdysadyýete ýetirýän täsiri hakyndaky habarlylygy ýokarlandyrmak maksady bilen oba hojalyk pudagynda we tutuş ilatyň arasynda maksatnamalary işläp düzmek we amala aşyrmak;

b) bilim ulgamynyň ähli derejelerinde deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplaryň möhüm roly we oba hojalyk işiniň netijesinde hapalanmanyň ýetirýän täsiri babatda aň-bilim ýaýradyş maksatnamalaryny işläp düzmek we amala aşyrmak;

c) oba hojalygynda bar bolan hapalanmanyň aýratynlykda ýerleşen çeşmelerinden hapalanmalaryň öňüni almak, olary peseltmek we olara gözegçilik etmek maksady bilen döwlet dolandyryş edaralarynyň işgärlerini we oba hojalyk pudagynyň işgärlerini iň oňat tejribeleri ornaşdyrmak meseleleri boýunça taýýarlamagyň maksatnamalaryny işläp taýýarlamak we geçirmek, şol sanda oba hojalyk pudagynyň işgärleri üçin iň oňat düzümleýin we düzümleýin däl tejribeler boýunça hödürnamalary işläp düzmek;

d) netijeli tehnologiýalaryň geçirilmegine we maglumatlaryň alşylmagyna ýardam ediş maksatnamalaryny işläp düzmek.

***C. Nutuklaryň berilmegi***

Şertleşýän Taraplaryň her biri şu Teswirnamanyň 17-nji maddasyna laýyklykda oba hojalygynda bar bolan aýratynlykda ýerleşýän çeşmelerden Hazar deňziniň deňiz gurşawynyň we kenarýaka etraplarynyň hapalanmagynyň öňüni almak, oňa gözegçilik etmek we ony peseltmek boýunça öz meýilnamalary hakynda nutuklary berýär.

## III. GOŞUNDY

### Hapalanmanyň atmosfera howasynyň üsti bilen geçirilmegi

Şu Goşundy 3-nji maddanyň 2 b) bendiniň düzgünlerine laýyklykda ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde emele gelýän, atmosfera howasynyň üsti bilen geçirilip bilinýän hapalanma babatda şu Teswirnamanyň ulanylyşynyň şertlerini kesgitleýär.

1. Şu Teswirnama şu aşakdaky şertler bar bolanda atmosfera howasyna çykarylýan hapalaýjy zyňyndylar babatda ulanylýar:

a) zyňylýan maddalar agdyklyk ediji meteorologik şertlerde Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna geçirilende ýa-da geçirilip bilnende;

b) Hazar deňziniň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplaryna düşýän maddalaryň mukdary bu maddanyň deňiz gurşawyna we kenarýaka etraplara başga ýollar bilen düşýän mukdary bilen deňeşdirilende Teswirnamanyň 6-njy maddasyna laýyklykda işlenip düzülen kriteriler boýunça howply bolanda.

2. Hazar deňziniň deňiz gurşawy we kenarýaka etraplary ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde hapalanan ýagdaýynda şu Teswirnamanyň 4-nji we 7-nji maddalarynyň düzgünleri şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilen degişli iş görnüşleri we maddalar babatda Şertleşýän Taraplaryň arasynda ylalaşmak boýunça kem-kemden ulanylýar.

3. Ýokardaky 1-nji bentde sanalyp geçilen şertler bar bolanda şu Teswirnamanyň 6-njy maddasynyň 1-nji bendiniň düzgünleri şu aşakdakylar babatynda hem ulanylýar:

a) atmosfera howasyna maddalaryň zyňylmagyna - olaryň mukdaryna we toplanmasyna - Şertleşýän Taraplaryň ygtyýarynda howanyň hapalanmagynyň çeşmesiniň ýerleşýän ýeri we paýlanyşy hakyndaky bar bolan maglumatyň esasynda;

b) ýangyçda we çig malda gözegçilik edilýän maddalaryň saklanyş derejesine;

c) howanyň hapalanmasyna gözegçilik etmegiň tehnologiýalarynyň netijeliligine we has netijeli önümçilik we ýangyç ýakyş proseslerine;

d) gözegçilik edilýän maddalaryň oba hojalygynda we tokaýçylykda ulanylyşyna;

4. Şu Teswirnama IV Goşundynyň düzgünleri ulanarlykly ýerinde atmosfera howasynyň üsti bilen gelýän hapalanma hem degişlidir. Atmosfera howasyndan düşýän çökündilere baha berlende, şeýle hem ýerüsti çeşmelerden hapalaýjy maddalaryň zyňyndylarynyň olaryň mukdary we toplanmasy nukdaý nazaryndan kadastrlary düzülende zyňyndylaryň umumy kabul ederlikli koeffisiýentleriniň we usulyýetleriniň ulanylmagy bilen howanyň hapalanmagynyň monitoringi we ülňüleşdirilmesi geçirilýär.

5. Şu Teswirnamanyň ähli maddalary ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işiň netijesinde atmosfera howasynyň üsti bilen geçirilýän hapalanmalara ulanyp bolýan ýerinde we ýokardaky 1-nji bentde sanalyp geçilen şertlere laýyklykda deň derejede degişlidir.

## IV. GOŞUNDY

## ZYŇYNDYLAR ÜÇIN RUGSATNAMALAR

Şu Teswirnamanyň 7-nji maddasynyň 3-nji bendine laýyklykda Şertleşýän Taraplar şu Teswirnama I Goşundyda sanalyp geçilen düzüminde gözegçilik edilýän maddalary saklaýan zyňyndylara rugsatnamalary bermek hakyndaky meselä garanlarynda degişli ýagdaýlarda şu aşakdaky faktorlara baha berýärler we garaýarlar.

### *A. Zyňyndylaryň häsiýetnamalary we düzümi*

1. Nokat şekilli ýa-da garyşyk çeşmäniň görnüşi we ölçegi (mysal üçin, önümçilik prosesi);

2. Zyňyndylaryň görnüşi (mysal üçin, gelip çykyşy, ortaça düzümi);

3. Galyndylaryň ýagdaýy (mysal üçin, gaty, suwuk ýa-da şlam);

4. Umumy mukdary (zyňyndynyň möçberi, mysal üçin, bir ýylda);

5. Zyňyndylaryň režimi (hemişelik, yzygiderli däl, möwsümleýin üýtgeýän we ş.m.);

6. I Goşundyda sanalyp geçilen maddalaryň we, eger ulanarlykly bolsa, beýleki maddalaryň degişli düzüm bölekleriniň toplanmasy;

7. Hapa suwlaryň fiziki, himiki we biohimiki aýratynlyklary.

### *B. Zyňyndylaryň düzüm bölekleriniň zyýanlylyk nukdaý nazaryndan häsiýetnamalary*

1. Deňiz gurşawynda durnuklylygy (fiziki, himiki, biologik durnuklylygy);

2. Zäherlilik we zyýanly täsiriň beýleki görnüşleri;

3. Biologik materiallarda ýa-da çökündilerde toplanmagy;

4. Biohimiki taýdan zyýanly birleşmä özgermegi;

5. Kislorodyň saklanyş derejesine we balansyna ýaramaz täsir etmegi;

6. Suw gurşawynda fiziki, himiki we biohimiki özgerişlere sezewar bolmagy we aşakdaky F bölümde sanalyp geçilen ulanyş görnüşlerine zyýanly biologik ýa-da beýleki täsiri etmäge ukyply suw gurşawynda deňiz suwunyň beýleki düzüm bölekleri bilen özara täsirleşmegi;

7. I Goşundynyň C bölüminde sanalyp geçilişi ýaly, ähli beýleki häsiýetnamalar.

### *C. Zyňyndylaryň obýektleriniň we niýetlenen gurşawynyň häsiýetnamalary*

1. Kenarýaka etrabyň gidrografik, meteorologik, geologik we topografik häsiýetnamalary;

2. Çeşmäniň ýerleşýän ýeri we görnüşi (suw akdyryjy, suw taşlaýjy akaba we ş.m.) we hem-de onuň beýleki (dynç alyş zolaklary, balyklaryň işbil taşlaýan ýerleri, nahalhanalar, balykçylyk zolaklary, mollýusklaryň tutulýan banklary ýaly) zolaklar hem-de beýleki taşlandylar babatda ýerleşişi;

3. Kabul edýän gurşawa taşlanýan nokadynda başlangyç garyşmasynyň derejesi;

4. Akymlaryň, daşgynlaryň we ýeliň gorizontal geçirişe we wertikal garyşma edýän täsiri ýaly dispersion häsiýetnamalar;

5. Niýetlenen suw gurşawynyň zyňyndylaryň zolagynda fiziki, himiki, biologik we ekologik şertleriň nukdaý nazaryndan häsiýetnamalary; şeýle hem

6. Niýetlenen deňiz gurşawynyň taşlanylýan galyndylary zyýanly netijesiz kabul etmäge ukyplylygy.

***D. Işiň kategoriýalarynyň ýa-da çeşmäniň häsiýetnamalary***

1. Bar bolan tehnologiýalaryň we dolandyryş usullarynyň, şol sanda şol ýer üçin mahsus bolan tehnologiýalaryň we dolandyryş usullarynyň häsiýetnamalary;

2. Ýagdaýa baglylykda desgalaryň duran wagty; şeýle hem

3. Bar bolan ykdysady, durmuş we medeni aýratynlyklar.

***E. Önümçiligiň, galyndylary arassalamagyň alternatiw tehnologiýalary ýa-da alternatiw dolandyryş usullary***

1. Resirkulýasiýa, regenerasiýa we gaýtadan ulanmagyň mümkinçilikleri;

2. Çig mal materiallary has pes howplukdaky ýa-da howpsuz materiallara çalyşmak;

3. Ekologik taýdan has arassa işiň görnüşlerne ýa-da önümlere çalyşmak;

4. Az galyndyly we ekologik taýdan arassa tehnologiýalar ýa-da prosesler; şeýle hem

5. Zyňyndylaryň alternatiw görnüşleri (mysal üçin, ýeriň üstüne çykarmak).

***F. Deňiz ekoulgamlaryna we deňiz suwunyň ulanylyşynyň görnüşlerine ýetirilip bilinjek potensial zyýanlar***

1. Hapalanmanyň şu aşakdakylara täsir etmegi netijesinde adamlaryň saglygyna ýetirilip bilinjek täsir:

a) iýmit hökmünde ulanmak ýaramly deňiz jandarlaryna;

b) suwa düşülýän ýerlerdäki suwa; şeýle hem

c) estetik gymmatlyga.

2. Deňiz we kenarýaka ekologik ulgamlara, hususan-da, biologik serişdelere, ýitip gitmek howpy astynda durýan görnüşlere we howp astynda durýan ýaşaýyş ýerlerine ýetirýän täsiri.

3. Deňziň kanuny ulanylmasynyň beýleki görnüşlerine täsir etmek.

## V. GOŞUNDY

### Bar bolan iň oňat tehnologiýalar we iň oňat tebigaty goraýyş tejribeleri boýunça gollanma

Şu Teswirnamanyň degişli düzgünlerine laýyklykda Şertleşýän Taraplar bar bolan iň oňat tehnologiýalary (BIOT) we iň oňat tebigaty goraýyş tejribelerini (IOTGT) ulanýarlar ýa-da olaryň ornaşdyrylmagyna ýardam edýärler.

***A. Bar bolan iň oňat tehnologiýalar***

1. "Bar bolan iň oňat tehnologiýalar (BIOT)“ adalgasy zyňyndylary we galyndylary çäklendirmek üçin anyk çäreleriň amaly taýdan ýaramlylygyny görkezýän iň häzirki zaman (öňdebaryjy) tehnologiýalary, enjamlary ýa-da iş usullaryny aňladýar;

"Tehnologiýalar" öz içine ulanylýan tehnologiýalaryň özüni, şeýle hem önümçilik abzallaryny taslamalaşdyrmaga, gurmaga, olara hyzmat etmäge, olary işletmäge we sökmäge kömek edýän tärleri we usullary alýar.

2. Bar bolan iň oňat tehnologiýalaryň ulanylmagynda esasy üns, eger bar bolsa, galyndysyz tehnologiýalara berilýär.

3. Umumylykda we anyk alnan ýagdaýlarda tehnologik prosesleriň toparynyň, enjamlaryň we iş usullarynyň bar bolan iň gowy tehnologiýalara degişlidigini kesgitlemek üçin şu aşakdakylara aýratyn üns bermek gerek:

a) ýaňy-ýakynda üstünlikli synag edilen şuňa meňzeş tehnologik proseslere, enjamlara ýa-da iş usullaryna;

b) tehnologik öňegidişlige we ylmy bilimlerdäki hem-de konsepsiýalardaky özgerişlere;

c) şeýle tehnologiýalaryň ykdysady taýdan maksada laýylygyna;

d) täze we hereket edýän zawodlarda gurnalmagynyň möhletlerine;

e) degişli zyňyndylaryň häsiýetine we möçberine;

f) seresaplylyk ýörelgesine.

4. Anyk alnan tehnologik proses üçin "bar bolan iň gowy tehnologiýalaryň" tehnologik öňegidişligiň, ykdysady we durmuş şertleriň, şeýle hem ylmy bilimlerde we konsepsiýalarda bolup geçýän üýtgeşmeleriň netijesinde wagtyň geçmegi bilen üýtgejekdigine düşünmek gerek.

5. Eger-de bar bolan iň gowy tehnologiýalaryň ulanylmagy netijesinde zyňyndylaryň mukdarynyň azalmagy ykdysady taýdan kabul ederlikli netijelere getirmese, goşmaça çäreleri görmek zerur.

***B. Iň oňat tebigaty goraýyş tejribesi***

1. „Iň oňat tebigaty goraýyş tejribesi (IOTGT)“ daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilik etmek ulgamynda çäreleriň we strategiýalaryň has maksadalaýyk derejede utgaşdyrylyp ulanylmagyny aňladýar;

2. Her bir anyk alnan ýagdaýda usullar saýlanyp alnanda, azyndan, çäreleriň şu aşakda yzygiderli ýerleşdirilen toplumyna garalmaly:

a) ilata we ulanyjylara işiň we önümiň belli bir görnüşlerini saýlap almagyň, olary ulanmagyň we ahyrky aýrylmasynyň ekologik netijeleri babatda maglumatlary we düşündirişleri bermek;

b) önümiň ömür sikliniň dowamynda işiň ähli jähtlerini öz içine alýan degişli ekologik tejribäniň Kodekslerini işläp düzmek we ulanmak;

c) alyjylara önüm, onuň ulanylmasy we ahyrky aýrylmasy bilen bagly ekologik töwekgelçilikler hakynda habar berýän at ýelmentgileriniň (etiketkalaryň) hökmany ulanylmagy;

d) serişdeleri, şol sanda elektrin energiýasynyň tygşytlanmagy;

e) ilatyň galyndylary ýygnamak we aýyrmak ulgamlaryna barmasyny üpjün etmek;

f) howply maddalary ýa-da önümleri ulanmakdan we howply galyndylary toplamakdan ýüz öwürmek;

g) resiklirlenme, regenerasiýa we gaýtadan ulanmak;

h) iş görnüşleri, önümler ýa-da önümleriň topary babatda ykdysady gurallar ulanmak;

i) öz içine birnäçe çäklendiriji çäreleri ýa-da gadaganlyklary alýan ygtyýarlandyryş ulgamyny döretmek.

3. Umumylykda we anyk alnan ýagdaýlarda çäreleriň haýsy utgaşmasynyň "iň oňat tebigaty goraýyş tejribesiniň" bolup durýandygy kesgitlemek üçin şu aşakdakylara aýratyn üns bermek gerek:

a) önümiň we onuň öndürilmesiniň, ulanylmasynyň we ahyrky aýrylmasynyň ekologik taýdan howplulygyna;

b) has pes hapalaýjy iş görnüşleri ýa-da maddalar bilen çalşylmagyna;

c) ulanyş gerimlerine;

d) orun tutujy materiallaryň ýa-da iş görnüşleriniň daşky gurşaw üçin potensial peýdalaryna ýa-da howplaryna;

e) ylmy bilimlerdäki hem-de konsepsiýalardaky öňegidişlige we özgerişlere;

f) ornaşdyrylyş möhletlerine;

g) durmuş we ykdysady netijelerine; şeýle hem

h) seresaplylyk çärelerini görmek ýörelgesine.

4. Beýle diýmek, anyk alnan çeşme üçin "iň oňat tebigaty goraýyş tejribesiniň" tehnologik öňegidişligiň, ykdysady we sosial faktorlaryň, şeýle hem ylmy bilimlerde we konsepsiýalarda bolup geçýän üýtgeşmeleriň netijesinde wagtyň geçmegi bilen üýtgeýändigini aňladýar.

5. Eger-de iň oňat tebigaty goraýyş tejribesiniň ulanylmagy netijesinde gelýän maddalaryň mukdarynyň azalmagy ekologik taýdan kabul ederlikli netijelere getirmese, goşmaça çäreleri görmek we şeýle iň oňat tebigaty goraýyş tejribesine gaýtadan seretmek zerur